**Türkmenistanyň Maliýe ministrligi**

BUÝRUK № 12-Ö

„08“ fewral 2012ý.

**Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasyny, Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny we olaryň Sanawyny tassyklamak hakynda**

„Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda“ Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasyny tassyklamaly (goşulýar).

2.Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny we olaryň Sanawyny tassyklamaly (goşulýar).

3. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň salgyt syýasaty we buhgalterçilik hasaba alnyşynyň usulyýeti müdirliginiň başlygy B. Çaryýewe tassyklanan Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasynyň, Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň we olaryň Sanawynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnyşyna we olary ykdysady subýektlere bellenen tertipde ýetirilmegine gözegçilik etmegi tabşyrmaly.

4. Şu buýruk 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizilýär.

**Ministr** **D. Sadykow**